Beýik özgertmeler ýoly bilen barha kuwwatlanýan mähriban Watanymyzda amala aşyrylýan asylly işler, gurulýan köpsanly täze desgalar hormatly Prezidentimiz, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde döwletimiziň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, halkymyzyň durmuş hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilen strategiýanyň aýdyň netijesidir. Sebitlerde gurulýan we ulanylmaga berilýän täze desgalaryň hatarynda energetika ulgamyna degişli desgalaryň bolmagy pudagyň kuwwatlylygyny has-da ýokarlandyrýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň 11-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň sanly ulgam arkaly, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň şeýle-de Owganystanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji Molla Mohammad Hasan Ahundyň gatnaşmaklarynda Türkmenistan-Owganystan-Pakistan elektrik geçirijisiniň taslamasynyň birinji tapgyryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde Owganystanyň Hyrat welaýatynda ýerleşýän “Nur-el-Jahad” elektrik bekediniň işe girizilmegi biz ýaş energetikleriň buýsançly başymyzy göge ýetirdi.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň kuwwatly elektroenergetikasynyň kemala gelmegini gazanmak, ony döwrebaplaşdyrmak, alnyp barylýan döwlet syýasatynyň maksatlary hem-de wezipeleri bilen baglylykda, ykdysadyýetiň bu pudagynyň köpugurly döwrebap düzümlerini döretmek boýunça işler yzygiderli amala aşyrylýar. Şeýle-de häzirki wagtda energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini giňden ulanmagyň we «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmegiň möhümdigine üns ýokarlanýar. Gurulýan döwrebap obalary, şäherçeleri we senagat toplumlaryny elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek maksady bilen, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini, hususan-da, Gün we ýel energiýasyny ulanmak arkaly elektrik energiýasyny öndürmek boýunça innowasion taslamalar işlenip taýýarlanylýar. Bularyň ählisi «ýaşyl» energetikanyň mümkinçiliklerini ulanmak boýunça taslamalaryň uly geljeginiň bardygyna şaýatlyk edýär. Häzirki wagtda “Altyn asyr” Türkmen kölüniň sebitini 2019 — 2025-nji ýyllarda özleşdirmegiň Konsepsiýasyna” laýyklykda, Balkan welaýatynyň Serdar etrabynda gurlan kuwwatlylygy 10 MWt bolan köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasynyň açylyş dabarasyna taýýarlyk görülýär. Bu desga ýurdumyzyň taryhynda ekologiýa taýdan arassa elektrik energiýasyny öndürmäge ukyply «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmagyň başlangyjy bolar. Taslamanyň ulanylmaga berilmegi netijesinde «Altyn asyr» Türkmen kölüniň golaýynda gurulan döwrebap obany ekologiýa taýdan arassa elektrik energiýasy bilen ygtybarly we bökdençsiz üpjün etmäge mümkinçilik berer. Bu elektrik stansiýanyň taslamasynyň biziň ýokary okuw mekdebimizde hereket edýän «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkezi tarapyndan taýýarlanylandygyny bolsa, aýratyn bellemek gerek.

Gahryman Arkadagymyz “Türkmenistanyň elektroenergetika kuwwaty” atly kitabynda hem

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024

institutymyzda ylmy-önümçilik merkeziniñ döredilmeginiñ guwançly ýagdaýdygyny, bu ýerde ylmy-barlag işleriniñ geçirilmeginiñ oňyn başlangyçdygyny, Türkmenistanda ilkinji Gün-ýel garyşyk kuwwatly elektrik bekediniň taslamasynyň taýýarlanylmagynyň ähmiýetlidigini bellemegi hem buýsançly wakadyr.

Gahryman Arkadagymyz: “Türkmenistanyñ elektroenergetika kuwwaty” atly kitabynda: biz ýaşlara ýüzlenip, “Siz halkymyz üçin, ykdysadyýetimiziñ pudaklary üçin aýratyn möhüm bolan energetika ulgamynda işlemäge mümkinçilik alan bagtly ýaşlarsyňyz!” diýen ganatly jümlesi biz talyp ýaşlary, ykbalyny energetika pudagyna baglan ýaş energetikleri yhlasly okamana, döretmäne ruhlandyrýar, şeýlede yhlasly zähmet çekip, halal ýaşamana höwes döredýär.

Watanymyzy beýik ösüş-özgertmeleriň ýoly bilen barha öňe alyp barýan Arkadagly Gahryman Serdarymyza we Gahryman Arkadagymyza päk ýürekden çykýan alkyşlarymyzy aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyñ, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyñ janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, tutýan beýik tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin.

**Arzygül ŞIHIÝEWA**
**Türkmenistanyñ Döwlet energetika**
**institutynyñ talyby**

Все права защищены